**7. Üstýurt platosynyň haýwanat dünýäsini goramak pudagynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň, Gazagystan Respublikasynyň Ekologiýa we tebigy serişdeleri ministrliginiň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Ekologiýa, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi ministrliginiň arasynda Ähtnama.**

**Gol çekilen senesi: 2024-nji ýylyň 7-nji awgusty.**

**Umumy maglumat:**

Bu üç taraplaýyn ylalaşyk Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini gorap saklamak boýunça Bonn konwensiýasynyň çäklerinde işlenip taýýarlanyp, Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Özbegistanyň araçakleşýän Ustýurt platosynda haýwanat dünýäsini goramak boýunça bu ýurtlaryň ygtyýarlandyrylan edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hukuk esaslaryny kesgitleýär. Bu ylalaşyga Bonn konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň Özbegistan Respublikasynyň Samarkand şäherinde geçirilen 14-nji maslahatynyň (COP-14) dowamynda Gazagystan we Özbegistan tarapyndan gol çekildi. Türkmenistan bu ylalaşyga 2024-nji ýylyň 7-nji awgustynda gol çekdi.

**Esasy maksady:**

Resminamanyň esasy maksady migrasiýa edýän görnüşleriň monitoringini etmek, olary gorap saklamak, munuň üçin serhetüsti aýratyn goralýan tebigy ýerleri döretmek, bu görnüşleriň migrasiýasy üçin korridorlary döretmek, sebitde ekologiýa syýahatçylygyny ösdürmek, hünärmenleriň bilimlerini ýokarlandyrmak boýunça bilelikdäki okuwlary we tejribe alyşmalary gurnamak, bikanun awa we kontrabanda garşy bilelikde göreşmek, bilelikdäki ylmy barlaglary geçirmek, bilelikdäki neşirleri taýýarlamak we çap etmek, bonn konwensiýasynyň ýerine ýetirilişi boýunça maglumatlary alyşmak hem-de bu ugurlarda bilelikdäki taslamalary ýerine ýetirmek üçin maliýe serişdelerini çekmek boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybarat bolup durýar.

**Bellik:** Bu köptaraplaýyn resminama rus we iňlis dillerinde bir sany nugsada gol çekildi we onuň asyl nusgasy Bonn konwensiýasynyň sekretariatynda saklanýar we tassyklanan nusgasy taraplara iberilýär.

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär we öz-özünden uzaýar.